# Taryhymyzyň tükenmez tarypy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Taryhymyzyň tükenmez tarypy TARYHYMYZYŇ TÜKENMEZ TARYPY

Sowet imperiýasy döwründe Türkmenistanyň taryhy, Türkmen milletiniň taryhy Merkeziň syýasatyna laýyk galypda ýazyldy. Tä taryhçy Beýik serdarymyz, Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasyna çenli Türkmen milletiniň taryhy dogruçyllyk bilen beýan edilmedi. Diňe mukaddes Ruhnamany okap, milletimiziň hakyky taryhyna göz ýetirmäge başladyk. Sowet döwründe »Taryhy bolmadyk» diýen tagmany gerşinde göteren halkymyzyň, görüp otursak, goja Zemine nur saçýan taryhy bar ekeni.
Geçen asyryň 40-njy ýyllarynda ýewropaly bir syýahatçy »Halkdan taryhyny gaňryp al, onsoň ol wakadan bir nesil möwrit geçensoň, ol halk başly-barat märekä öwrüler. Ýene-de bir nesillik möwrit geçensoň, ol märekäni edil goýun sürüsi ýaly dolandyryp bolar» diýipdir. Bu ideologiýa bize örän tanyşdyr. Sebäbi SSSR diýlen biweç imperiýa biz türkmenler barada şeýle syýasaty alyp barypdy.
Dogrusyny aýtsaň, SSSR döwründe ýazylan taryhy eserlerde türkmeniň taryhy bilkelastlaýyn, göz-görtele ýoýuldy.
Şükür biziň dadymyza, Haktagalanyň halan Ynsany Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ýetişdi. Onuň mukaddes Ruhnamasy, milletimiziň taryhy üçin uly açyş boldy. Biz bu mukaddes kitapdan ugur alyp, gadymy geçmişimizi täzeden öwrenip başladyk.
Halkymyzyň geçmiş taryhy bilen gyzyklanýanlar, gündogarşynas, Rus alymy Lew Nikolaýewiç Gumilewiň ýazan kitapları bilen tanyşdylar. Bu alymyň taryh barada ýazan kitaplaryna hormat goýmak bilen, şol bir wagtda hem onuň türkmenleriň taryhy bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan maglumatlary nähili edip ýazandygyny seljermekçi bolýarys (Seljeriş üçin mysallar L. N. Gumilewiň »İstoriýa naroda hunnu» (Moskwa, 2002., atly kitabynyň »Etnonimleriň sözlügi» diýen bölüminden alyndy):

»Parfiýalylar – (hytaýça – ansi) – ýarym çarwa halk, biziň bir eýýamymyzdan öňki 250-nji ýylda makedonlylaryň hökümdarlygyny syndyryp, günbatar Eýrany eýeleýärler…».
»Alanlar (ýansaý kowumy barada berlen düşünjä seret) - osetinleriň eždatlary. Biziň eýýamymyza çenli bolan 2-nji asyrda Aral we Hazar deňizleriniň demirgazyk kenarlarında ýaşapdyrlar. Soňra demirgazyk Kawkaza ýaýrapdyrlar. Ammian Marsellin alanlary massagetleriň nesli hasaplaýarlar…»
»Ýansaý – biziň eýýamymyzdan öňki 2-nji asyrda Hasar deňziniň demirgazyk-gündogarynda ýaşan halkyň hytaýça atlandyrylyşy. »Has giçki zamanda ol sebiti »Alanýa», ýagny, »Alanlaryň ýurdy» diýip atlandyryp başlapdyrlar…»
»Sarmatlar – demirgazyk Eýranyň çarwa taýpasy, parfiýalylaey garyndaş kowum. Biziň eýýamymyzdan öňki 3-nji asyrda Russiýanyň günortasyndaky skifleri ýeňip, soňra alanlar bilen garyp-gatylýarlar».
»Saklar – demirgazyk Eýranyň gündogar toparyna degişli çarwa taýpalar, biziň eýýamymyzdan öňki ikinji asyra çenli, häzirki Gazagystanda göçüp-gonan. İkinji asyryň ahyrynda saklar, gündogar Eýrana we demirgazyk – günbatar Hindistan’da kürsäp girip, ol ýerlere, tä ýerli ilat bilen garyp-gatylýançalar birnäçe hanlyklar döredip ýaşaýarlar. Çarwa skiflere garyndaş taýpa».
»Skifler – Gara deňziň kenarynda ýaşan bäş sany dürli taýpadan bolan kowumlara grekleriň Beren ady. Esasy taýpa bolan patyşalyk skifler gelip çykyşlary boýunça demirgazyk Eýranda ýaşan halka degişli».
Ýueçži – biziň eýýamymyzdan öňki 5-nji asyrda Heside, ornaşan halk. Biziň eýýamymyzdan öňki 2-nji asyrda hunlar tarapyndan Merkezi Aziýa gysylyp çykarylýar hem-de ýueçžiler Bektriýany eýeleýärler. Gelip çykyşlary boýunça sogdylardan…».
Görnüşi ýaly, ýokardaky düşünjelerde L. N. Gumilew »türkmenler – oguzlar», diýip, ýekeje söz hem aýtmaýar.
Eýsem-de rus taryhçysy L. N. Gumilew Parfiýa döwletini döredenleriň hem şak kowumydygyndan habarly bolsa, näme üçin olaryň türkmenleriň ata-babalarydygyny ýatlamaýar?! Üns Beren bolsaňyz, L. N. Gumilew, »demirgazyk Eýranyň…» söz düzümini

köp ulanýar. Bu söze nähili düşünmeli? »Demirgazyk Eýranyň çarwa taýpasy…» häzirki wagtda haýsy halka, halkyýete degişli? Sowet-rus taryhçylarynyň »Sewernyý Iran» diýip atlandyrylan sebiti, ol gadymy Horasan! Gadymy Horasanyň paýtagty bolsa, Türkmenistanyň Merw şäheri! Merw şäherini döreden Oguz han Türkmen, bu sebitde ýaşanlar bolsa, oguz nesilleri! Horasanyň dünýäde-de iň uly şäherler hasaplanylýan şäherleri: Merw, Nusaý, Sarahs, Abywerd, hemmesi türkmenleriň guran, häzirem ýaşaýan şäherleri.

Galyberse-de, meşhur rus alymy L. N. Gumilewiň özi, »Otkrytiýe Hazarii» atly kitabynyň jildiniň iç ýüzünde miladynyň 900-nji ýyllarynyň taryhy kartasyny ýerleşdirip, Hazar deňziniň demirgazyk kenaryndan, ýagny, Wolga /Atail/ derýasynyň gündogar kenaryndan başlap, demirgazyga – tä häzirki Russiýanyň Samara (Kuýbyşew) şäherine çenli aralykda guzlaryň ýaşandygyny görkezýär. Eýsem-de, ol özüniň »guzlar» diýip görkezen halkynyň oguzlardygyny, ýagny, türkmenlerdigini bilmedimikä? Bilip, aňyrsyna-da geçýän bolmaly. Onda oguzlaryň adyny »guzlar» diýip ýazmak bilen L. N. Gumilewiň bähbidi nämekä?! Bu sowalyň jogabyny zandyýaman sowet syýasatyndan, şol syýasata gulluk eden alymlaryň garaýşyndan gözlemeli.

Ol kitabyň soňky jildiniň iç ýüzünde alym has gadymy kartany ýerleşdirip, ol karta boýunça, Dunaý derýasynyň Gara deňze guýýan ýerinden, esli demirgazykdan başlap, (demirgazyk serhedi takmynan, häzirki Russiýanyň Samara şäherine çenli) tä Aral deňziniň ep-esli gündogar kenaryna çenli aralykda ýerleşen giň sâhrany eýeläp oturan kowum, alan kowumy! Näme üçin, L. N. Gumilew ol kartada alanlar diýip ýazýar-da, iň bolmanda, ýaý içinde, alanlaryň massagetleriň neslidigini Ammian Marselline salgylansa-da, ol pikiri goldaýandygyny nygtamaýar?

L. N. Gumilew »Istoriýa naroda hunnu» eseriniň 2-nji kitabynda /Moskwa, 2002/ »Alanlar – sarmat taýpalarynyň biri» diýip ýazýar hem-de olaryň osetin halkynyň eždatlarydygy barada /1-nji kitapda/ nygtanyny ýadyndan çykarýar. Ikinji kitabyň 361-nji sahypasynda bu alym, alanlaryň söweş tilsimleri barada söz açýar hem-de olaryňam edil parfiýalylar-sarmatlar ýaly, golaý

aralyk söweş tilsimini ulanandyklaryny habar berýär. Soňra bolsa: »Alanlaryň arkadagy, alan neslinden bolan Germanarihiň döreden ägirt uly got /get/ şalygydy. Bu şalyk Baltika deňzinden Azow deňzine, Tisiden tä Don derýasyna çenli bolan sebiti öz içine alýardy… Got şalygyna Krym sährasy, Demirgazyk Kawkazyň, Gara deňiz kenarýaka sebiti hem degişlidi. Gotlar alanlaryň ynamdar daýanjydy» diýip nygtaýar.
L. N. Gumilew »Otkrytiýe Hazarii» kitabynyň daş jildiniň iç ýüzünde, tä miladynyň müňünji ýylyna çenli diýip ýerleşdiren kartasynda, gotlaryň /getleriň/ adyny ýatlamandyr. Hatda Gara deňziň Demirgazyk bölegindäki iň uly adanyň adyny görkezmekden saklanypdyr. Emma Marko Polo /1254-1324-nji ýyllar arasynda ýaşaýan syýahatçy/ öz çeken kartasynda ol uly ýarym adany Gotlar diýip görkezipdir. Ol ýarym ada gadymy parfiýa-türkmen şalygyny esaslandyran Ärsak neslinden bolan, Ponti Türkmen şalygynyň patyşasy Mitridat IV-iň /käbir çeşmelerde Mitradot-Myrat VI/ hem-de onuň şazada oğlu Parnagyň /par türkmenlerinden/ jaýlanan ýeridigini bilýäris. Ol ýarym ada häzirki rus çeşmelerinde Krym ýarym adasy diýlip atlandyrylýar. Häzirki Türkiýe diýip atlandyrylan ýeri bolsa, Marko Polo Türkmenistan diýip atlandyrypdyr.
Emma Krym ýarym adasynyň gadymy adyny, ol ýerde gadymy şa neslinden bolan türkmenleriň jaýlanandygy barada eýerip dymypdyr. Eýsem-de, ol miladynyň 350-400-nji ýyllarynda ýaşan, dünýäde ykrar ykrar edilen Rim taryhçysy Ammian Marselliniň »alan kowumy massagetleriň nesli» diýenini pitiwa etmedimikä?! L. N. Gumilewiň rimli taryhçynyň ýazgylaryny inkär edýän delili hem ol kitapda ýok!
L. N. Gumilew »Otkrytiýe Hazarii» atly kitabynyň birinji jildiniň iç ýüzünde, miladynyň 137-ýylyndan, tä 965-nji ýylyna çenli Hazar deňziniň kenaryndaky Ural derýasyndan tä Gara deňziň günbatar-demirgazyk kenarlaryndaky Dunaý we Prut derýalarynyň birigýän ýerine çenli, demirgazyk serhedi bolsa, Wolga bilen Kama derýalarynyň birleşýän ýerine çenli kartanyň şekili ýerleşdirendigi barada ýokarda ýatladyk.
Bu kartada L. N. Gumilew, Wolga /Atail/ derýasyndan gündogar-Ural derýasyna çenli, aralykdaky giň sährada ýaşaýanlary

guzlar diýip görkezendigi barada alymyň »guzlar» diýýäniniň hem oguzlardygyny aýdypdyk.
Bu kitabyň 294-nji sahypasynda ýene miladynyň 900-nji ýyllaryndan 1100-nji ýyllaryna degişli karta ýerleşdirilen. Bu kartada L. N. Gumilew »guzlaryň» ýagny, oguzlaryň ýaşan ýerinde (Wolga derýasynyň gündogar kenaryndan, tä Ural derýasyna çenli, demirgazyk serhedi öňki ýaly Samara çenli aralykda) ýaşan kowumy »torki, peçenegi» (türkiler, peçenegler) diýip görkezmek bilen nämäniň bähbidini aradyka?!
L. N. Gumilewiň »torki» /týurki/ diýýäniniň türkmenlerdigi düşnükli. Ýöne L. N. Gumilew, ol ýere peçenegleri hem »ýerleşdirip» ýetişipdir. Ol ýerde peçenegler nähili peýda bolýar?! Ol kitabyň 36-njy sahypasynda bu alym »Miladynyň VIII – X asyrlarynda, Wolganyň aňyrsyndaky (gündogardaky – bellik J. Ataýewiňki) sähralyklarda guzlar ýaşaýardylar…» diýip hem ýazýar ahyryn! Onsoň kitabyň soňky sahypalarynda, awtoryň ol ýere, peçenegleri nädip eltendigi hem geň galdyrýar. Stawropol ülkesine ülkesine, sowet döwründe aýdylyşy ýaly, türkmenler 17-18-nji asyrda baranok-da, aslynda şol ýeriň oturymly ilatynyň biri, özen esasysy.
L. N. Gumilewiň torki diýip ýazanyny köp okyjylaryň türkmen diýip düşünmejekdiklerine özüm-ä ynanýan.
Diňe Rus dilindäki käbir sözlüklerde bolaýmasa, ol söze düşündiriş berilmeýär. Hatda köp alymlaryň salgylanmagy gowy görýän, rus diliniň düşündirişli sözlügi bolan S. I. Ožegowyň »Slowar russkogo ýazyka» (M., 1986) atly sözlüginde hem »torki» sözüne düşündiriş ýok.
Aslynda rus çeşmeleriniň »tork» (torki) diýip ýazýan sözüniň manysy näme? Bu söz türki dilde gürleýän halkary däl-de, türkileri, ýagny, gadymy türkmenler diýmegi aňladýar. Häzirki Russiýanyň çägindäki günorta rus sährasynda tä miladynyň XI asyrynyň ahyryna çenli ýaşan türkmenler L. N. Gumilew, oguz sözüni ýazmajak bolüp, »türkmen» sözüni ýazmajak bölüp »torki» diýip, şol düşünjeleriň gapdalyndan aýlanyp gelipdir.
Sarmatlaryň gadymy türkmenlerdigini aýtmasa-da, L. N. Gumilewiň olaryň parfiýalylara garyndaş kowumdygy barada aýdanyna şükür edýäris.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşı mukaddes Ruhnamada sarmatlaryň türkmenleriň gadymy eždatlaryndan bolandygyny ýöne ýerden aýtmaýan ekeni.
Sarmatlaryň adyny rus çeşmeleri »sawromatlar» diýip hem ýazýarlar. 1989-njy ýylda Moskwada neşir edilen »Sowetskiý ensiklopediçeskiý slowar» atly sözlügiň 1169, 1183-nji sahypalarynda bu Türkmen kowumy barada şeýle maglumat bar:

* * *

»Sawromatlar – Wolga derýasynyň hem-de Uralyň etegindäki sähralykda ýaşan, skiflere garyndaş, maldarçylyk bilen meşgullanýan çarwa taýpa (biziň eýýamymyzdan öňki VII-IV asyrlarda).
Sawromatlar bilen beýleki kowumlaryň birikmelerini, soňra sarmatlar diýip atlandyryp başlapdyrlar»
»Sarmatlar – maldarçylyk bilen iş salyşýan çarwa kowumlaryň birleşigi. Miladydan öňki V-VI asyrlarda Tobul derýasyndan Wolga çenli aralykda ýaşapdyrlar. Miladydan öňki III asyrda, Gara deňziň Demirgazyk kenaryny eýeleýärler…»

* * *

Ýokardaky »miladydan öňki III asyrda, Gara deňziň Demirgazyk kenaryny eýeleýärler» diýen söze »ol döwür sarmatlaryň hemmesi Gara deňziň demirgazyk kenaryna göçüp gitmän, ol ýere hem ýöriş edip baryp, eýeleýärler» diýip düşünmeli.
L. N. Gumilew ýokarda berýän düşünjelerinde, biziň eýýamymyzdan öňki 3-nji aayrdan soň: »Sarmatlar alanlar bilen garyp-gatylýarlar» diýip nygtaýar.
Emma şol kitabyň 177-nji sahypasynda düşündirişden has öň), ol alanlaryň, diýseň rehimsiz sarmatlaryň nesilleridigini nygtaýar. Alym bir kitabyň bir ýerinde-hä, sarmatlaryň miladydan öňki 3-nji asyrda alan kowumy bilen goşulyşandygyny, ýene-de bir ýerde bolsa, alanlaryň gadymy sarmatlaryň nesilleridigini aýdýar. Alymyň haýsy sözüne ynanmaly? Bir begençli zat L. N. Gumilew nähili aýdýanam bolsa, şol jümlelerden türkmeniň taryhy görnüp dur.

Sarmatlaryň miladydan öňki 250-nji ýyllarda kese ýerli basybalyjjylar selewkilere garşy urşa başlan parfiýalylary, öz kowumlary bolandyklary üçin, olara kömek diýip uly orda, goşun kömegini berendikleri barada hem taryhy maglumatlar bar.
Sarmatlar öz zamanasynda kendir dokamagyň kämil ussatlary bolupdyrlar. Dünýä taryhçylarynyň aglabasy »Sarmat kendiri« diýen dokma matanyň gadymyýetde nähili şöhradynyň bolandygyny inkär etmeýärler.
Kendir – dokalan matanyň bir görnüşi. Kendir matasynyň ýüzüne hudožnik – suratçylar žiwopis şekillerini çekýärler.
Gadymy türkmenleriň kendir matasyny zygyr süýüminden dokapdyrlar, tohumyndan bolsa ýag alypdyrlar.
Ildeşlerimiziň agalabasynyň »Be, zygyr nähili ösümlikkä?!« diýmekleri ahmal. Meniň özümem zygyryň ösüp oturanyny ýa-da ýagyny gördüm diýsem ýalançy bolaryn. Emma »kendir« sözi bilen »keteni« sözleriniň gadymy Türkmen dilinde bir manyny aňladandygyny bilýärin.
Gadymy türkmenleriň öndüren ketenilerini bolsa, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy mukaddes Ruhnamada şeýle taryplaýar: »Türkmen özi üçin öndürýän keteni, begres, daraýy, gyrmyzy donluk, çäkmenlik matalary dokamagy şeýle bir kämil derejä ýetipdir weli, hatda ýigriminji asyryň ösen dokma senagaty hem olaryň milli geýimlerini çalyşdyrar ýaly kämil matany öndürip bilmedi«.
Sarmatlaryň nesil dowamatlary alanlar barada aýtsak, olar soňra hun türkmenlerine goşulyşyp, Orta Ýewropa ýörişe gatnaşýarlar. Alanlaryň köp bölegi miladynyň 370-nji ýyllaryndan soň, ýuwaş-ýuwaşdan Ýewropanyň günorta-günbataryna ýöriş bilen göçýärler. Alanlaryň taryhyny öwrenen alymlar, alan türkmenleriniň nesil dowamatlary Demirgazyk Kawkazdan däl-de Ispaniýadan, has takygy, Kastiliýadan gözlemegi maslahat berýärler. Kastiliýa Ispaniýada bir korollyk bolup, ol Pireneý ýarym adasynda ýerleşýär. Kastiliýa korollygy miladynyň 1230-njy ýylynda synýar hem-de Leon bilen birigýär. Umuman, sowet döwründe köp ruhy ejir çekse-de, gündogaryň taryhyny öwrenmekde uly işleri bitiren rus taryhçysy L. N. Gumilewiň ýazgylaryna gaty çynlakaý seljeriş geçirmeseň, onda

gadymy türkmenleriň taryhyna dahylly käbir säwlikleriň goýberilendigini görmek bolýar.
Hytaý çeşmelerinde »ýueçži» görnüşinde atlandyrylan kowumy L. N. Gumilew, sogdylardan hasaplaýar. Ol bu aýdanynyň dogrudygy hakda özüniň S. I. Rudenko diýen rus alymy bilen ýazan işine salgylanýar. Öz ýazan delilsiz zadyňa salgylanmak – bu örän gelşiksiz. Rus alymy L. N. Gumilewiň öz-özüne salgylanyp, gadymy ýueçži kowumyny sogdylaşdyrmagynyň hakykata golaý gelmeýändigini, şonuň üçinem ol kowumyň massaget (get, got) kowumyndan bolandygy barada özge ýurtly alymlara salgylanmak isleýäris. (Olaryň biri Filip Lozinskiý, »Hastgah-e part ha» (parsça iňlisçeden terjime), Tähran, 1980 h. ý, 33, 46, 92-93 şah). Bu alym hem öz gezeginde beýleki taryhçy alymlara salgylanypdyr…
Rus taryhçysy L. N. Gumilew özüniň »Otkrytiýe Hazarii» (Moskwa, 2003/ atly kitabynda, Awar kaganaty Wizantiýa bilen urşy dowam etdirip ýören wagty Eýran bilen harby hyzmatdaşlyk, ylalaşyk barada şertnama baglaşýar» diýip habar berýär. Bu waka, miladynyň 603-605-nji ýyllarynda bolup geçipdir.
L. N. Gumilew bu ýerde »Eýran bilen…» diýen umumy maglumaty getirýär-de, düşündirişden saklanýar. Eýranda kim bilen? Bu sowala jogaby özümiz gözlemeli bolýarys. Şol zamanlar häzirki Türkmen topragy Sasany şalygyna degişli bolup, türkmen topragyndaky Merw şäheri Sasany şalygyna degişli bolup, türkmen topragyndaky Merw şäheri Sasany şalygynyň ikinji paýtagty hasaplanypdyr. Eger türkmen topragynyň şol wagtky baş şäheri, ýagny, paýtagty Merw şäheri Sasany şalygynyň ikinji paýtagy bolan bolsa, onda ady agzalan şalykda türkmenleriň tutan ornuny inkär etmek bolmaz.
Ýewropadaky kiçijik Awar hökümeti bilen Orta Gündogaryň beýik şalygy Sasany şalygynyň harby arkalaşyk barada şertnama baglaşmagy gaty geň görünýändir. Dogrudanam, daşyndan göräýmäge bu şeýle. Häzirki Merkezi Aziýany, Owganystany, Päkistany, Yragy, Türkiýäniň esli ýerini sorap, hökümdarlyk eden, sebitiň iň güýçli döwleti bolan Sasany döwletine Awar hökümeti bilen bir harby ylalaşyk baglaşmak zerurlygy ýok ýaly.

Emma zerurlyk bolan! Sebäbi, Ýewropada Awar kaganaty diýip atlandyrylýan hanlyk (hökümet) gurnalýar, hökümdarlyk edýänler gelip çykyşlary boýunça türkmenler!
Sasany şalygynda milleti boýunça Türkmen bolan meşhur serkerdeleriň, nijeme müň batyr söweşiji esgerleriň bolandygyny taryh inkär etmeýär. Eýran hökümdary Sasany şalygynyň Ýewropadaky Awar kaganlygyna arka durmak barada ylalaşyga gelmegi, öz şalygynda wepaly hyzmat edýän türkmenleriň hormatyna diýip bolar.
Eýran şalygy Ýewropada ýerleşen türkmen hökümdarlygy Awar kaganlygy bilen harby arkalaşygy barada şertnama gol çekmek bilen awar türkmenlere nähili kömek berip bilerdi? Ol ylalaşygyň awarlara näme bähbidi bolduka?
Bu sowalyň jogaby düşnükli. Ýagny, Gara deňziň demirgazyk kenara gämili goşun ibermegi hem şol döwürde örän kyn wezipe. Onda Sasany şalygy Ýewropadaky Awar Türkmen döwletine harby taýdan näme kömek edip bilerdi?!
Ol kömek aşakdaky meseleden ybarat bolan bolmaly, ýagny, Sasany imperiýasy Awar türkmen kaganlygy bilen harby hyzmatdaşlyk barada şertnama baglaşmak bilen, şol bir wagtda hem, Wizantiýa – Rim imperiýalarynyň haýsy-da bolsa biri, Dunaý boýundaky Awar türkmen hökümetiniň üstüne ýöriş etse, Eýran goşunynyň Wizantiýa imperiýasynyň gündogar çetinden girmekçidigi barada berk duýduryş beren bolmagy ahmal.

* * *

Aslynda, Awar türkmenleriniň, sarmat Türkmen taýpasyndan bölünen şaha bolmagy hem mümkin. Sebäbi fransiýaly taryhçy alym Žorž Doumezil bu mesele barada şeýle ýazýar: »Eýran bilen harby birleşik döreden, Ýewropada ýaşaýan kowumlardan sak kowumy ýa-da başgaça aýdanymyzda sarmat kowumydyr» (»Tarih-e tämoddane Iran, günbatarly alymlaryň makalalar ýygyndysy, Tähran, Gotänberg» neşirýaty, 1381 h. ý., 51-52 şah.)
Fransiýaly bu taryhçynyň ýazmagyna görä, saklar, sarmatlaryň nesilbaşysy, beýik taýpasy bolup, olaryň esli bölegi Merkezi Aziýany terk edip, Ýewropa girýärler. Gara deňziň demirgazyk

kenaryndan başlap, sarmatlaryň golastyndaky çägi: Gara deňziň demirgazyk kenaryndan başlap, tä Baltika deňzine çenli diýip hasaplaýar.
Hatda Baltika deňziniň tä XVI asyra çenli adynyň hem Sarmat deňzi diýip tutulandygyny rus çeşmeleri inkär edip bilmeýärler.

* * *

Şu şertnamadan soň, Rim we Wizantiýa hökümdarlary miladynyň 603-605-nji ýylyndan, tä 650-nji ýyllara çenli Awar Türkmen kaganlygynyň üstüne hemle atmaga Sasany şalygyndan çekinipdirler. Ýöne şol bir wagtda Rim we Wizantiýa imperiýalary Eýranyň deminden has uzakda bolan Frank korollygyny Awar-türkmen kaganlygynyň üstüne gižželäpdirler.

* * *

Miladynyň 636-njy ýylynda Kadeş diýen ýerde Sasany imperiýasynyň goşunlaryny, tä şol wagta çenli wehim salýan garşydaş diýip hasaplanmadyk arap goşuny ýeňlişe sezewar edýär. Soňra bolsa, bu wakadan 6 ýyl geçenden soň, ýagny ikinji gezek hem, Nehawende diýen ýerde yslam dininiň baýdagy bilen gelýän Araplar Sasany imperiýasynyň köp sanly goşununy derbi-dagyn edýärler.
Şeýlelikde, tä miladynyň 642-nji ýylyna çenli, tas 40 ýyl töweregi, Eýranyň penasy bilen Rim we Wizantiýanyň çozuşlaryny görmedik Awar-türkmen kaganlygynyň ykbalynda ýene-de ýowuz günler başlanýar…
Käbir ildeşlerimiziň: »Awarlar nire, türkmenler nire?! Awarlar, Russiýanyň Dagystan Awtonom Respublikasynda ýaşaýarlar. Olaryň dili hem türki toparyna däl-de, kawkaz-iberi diline degişli ahyryn!» diýmegi ahmal.
Rus çeşmeleri özge halklaryň atlaryny ýoýýarlar. Bu ýagdaý bu nijeme ýüz ýyllar bäri şeýle. Mysal üçin, türkmen sözü hem soňky 300 ýyllykda rus çeşmeleri »torkman», »torhman», »terekemen», »torheman», »turkaman»… görnüşlerin… görnüşlerinde ýazandykalary barada bizde deliller ýetik.

1836-njy ýylyň Oguz aýynyň 6-syna, rus şahyry A.S. Puşkin A. A. Kraýewskiý diýen žurnaliste hat üsti bilen ýüz tutupdyr. Ol hatda A. S. Puşkin şeýle ýazýar: Weýazemskiniň, Ýuliý Kesar we Napaleon barada ýazan makalasynda, has atlar ýazylanda, diliň kadasyna gabat gelmeýän ýalňyşlar goýberilipdir. Mysal üçin, Tarkwiniý diýip ýazmagyň ýerine Tarkwin parfiýan diýip ýazmagyň ýerine parfy… diýip ýazylypdyr. Ýalňyşlary düzediň…» (A. S. Puşkin, Pisma, Moskwa, 1958, tom 10, 586 s.).

Şeýle ýalňyşlyklar häli-häzirem dowam edýär. Rus sözlükleri »awary» sözi bilen »awares» sözlerini bulaşdyryp ýazýarlar. »Awary» bu söz ol kowumyň ady, emma »awares» sözi kowumy aňladanok-da, şol sebite degişliligi aňladýar. Rus dilindäki »es» goşulmasy, kimdir biriniň kowumyny aňlatman, onuň ýaşaýan mekanyny aňladýar. Diýmek, rus dilindäki »awary» sözi bilen »awares» sözleriniň hiç hili baglanyşygy ýok.

Rus çeşmeleriniň kawkazly awarlar barada aýdýany dogry däl. Çünki, olar awarlar däl-de awarlylar! Biz bu makalada kawkazly awarlylar barada gürrüň hem etmeýäris. Aslynda kawkazly ol halkyýetiň hakyky ady awar däl. Olara awar adyny Kawkazy boýun egdirensoň, ruslar goýypdyrlar. Kawkazda ýaşaýan ol halkyň hakyky öz ady maarular! Häli-häzirem, Dagystanyň başga halkyýetden bolan wekilleri, maarular bilen duşuşyp, oňa »Sen awarmy?! diýse, bu sowala maarular özüni kemsitme diýip düşünýär.

Şonuň üçinem, rus çeşmeleri de käwagt obrlar diýip hem atlandyrylýan, gadymy wagtlar Dunaýyň aşak akymynda kaganlyk döreden Awar türkmen kaganlygy bilen dagystanly maarulalaryň hiç hili baglanyşygy ýok!

Galyberse-de, gadymy Orhon-oguz bitik daş ýazgylarynda (Kültegininiň hormatyna ýazylan bitik ýazgysyndaky uly ýazgy, 4-nji setir) oguz kowumlarynyň arasynda »apar-purum» kowumlarynyň atlary agzalýar.

Türkmeniň gadymy edebiýaty boýunça köp zähmet çeken hormatly alymymyz, professor Rahman Rejepow özüniň »Gadymy türkmen edebiýaty» (Aşgabat, »Ylym» neşirýaty, 1991 ý., 43 sah.) atly gymmatly kitabynda apar sözüni bolsa, bu alym Rum diýip düşündirýär. »Purum» sözüni bolsa, bu alym Rum diýip

düşündirýär. Bu biziň Dunaýyň aşaky akymynda, miladynyň birinji müňýyllygynyň ahyrky ýyllaryna çenli, Awar-türkmen (oguz) kaganlygy bolupdyr diýýänimize dogry gelýär. Şol wagtlar ol sebit, hakykatdanam, Rim imperiýasyna degişli sebit bolupdyr. Şonuň üçin-de, »apar-purum kowumy» diýen ýokardaky ýazga »Rumdaky awar kowumy» diýip düşünsek, hakykata laýyk gelýär.

Elbetde, ol ýerdäki Rum sözünü gönüden-göni häzirki Rim (Italiýa) diýip düşünmän, Orta Ýewropa diýlip düşünilse, has dogry bolar.

E. Gibbon özüniň »Istoriýa upadka i razruşeniýa Rimskoý imperii» (Sankt-Peterburg, 1997-2000) atly işinde hem awarlaryň şejereleri boýunça Ýewropadaky ýa-da Kawkazdaky hiç bir kowuma degişli däl-de, olaryň miladynyň VI asyrynyň başynda Merkezi Aziýadan (Altaýdan) barandyklaryny nygtaýar. Awar türkme kaganlygy esasan hem olaryň hany Boýanyň zamanasynda gülläp ösüpdir. Ýewropa çeşmelerinde beýan edilişine görä, awar-türkmen kaganlygynyň hany Boýan her bir hereketinde, Ýewropadaky hun türkmenleriniň beýik imperatory gaýduwsyz Alp Attila (miladynyň 395-453-nji ýylynda ýaşan) meňzejek bolupdyr hem-de Attiladan galan köşkleriň birinde hem ýaşapdyr.

E. Gibbonyň ýazmagyna görä, awarlar öz hökümdarlyklaryny Alp daglarynyň damanasyndan, gadymy Ponti döwletiniň Ewskin (Gara deňiz) deňziniň kenaryna çenli ýöredipdiler. Iňlis taryhçysy Eduard Gibbonyň awarlar barada aýdan bu maglumatlaryny, rus alymy L. N. Gumilew hem özüniň »Otkrytyýe Hazarii» (Moskwa, 2003, 86 s.) atly kitabynda hem Awar kaganlygynyň mülküne Karpat daglarynyň günbatar eteginden, Dunaý derýasynyň orta we aşak akymynyň kenar ýakalarynyň, has takygy, ol kaganlyga miladynyň VI asyrynda-da häzirki Wengriýanyň, Ýugoslawiýanyň, Awstriýanyň mülklerinden belli bir bölekleriň degişli bolandygyny tassyklaýar.

»Awarlar – häzirki bawarlylar bolup, olar tä XVI asyra çenli Türki dilde gürläpdirler. Gözleri bilen görenleriň aýtmaklaryna görä, bawarlylaryň käbiri häli-häzirem özleriniň eždatlarynyň türkdigini ýatlaýarlar». (Myrat Ajy, »Týurki i

mir: sokrowennaýa istoriýa», Moskwa, 2004., 185 s.).
»Orta Ýewropada ýaşan hem-de özgeler tarapyndan dürli at berlen ol kowumlaryň dilleri kowumlaryň dilleri türki /türkmen/ bolupdyr, olaryň eý görýän hünäri demir ussaçylygy bolup, jeňde at üstünde darkaş gurmagyň ezberleri bolupdyrlar, tutuş örtüli jalbar geýipdirler. Olaryň adatlaryna degişli bu deliller bize, ol kowumlaryň halk dessanlaryndan (eposlaryndan) mälim. Olaryň ruhuny göterýän… aždarha şekilli hatda miladynyň XII asyrynda hem, Rim imperiýasynyň leşgerinde gulluk edýän hem bolsalar, hem, Rim imperiýasynyň leşgerinde gulluk edýän hem bolsalar, »olaryň Tuglaryny bezäpdir». (Myrat Ajy, »Týurki i mir: sokrowennaýa istoriýa», Moskwa, 2004 ý., 182-184 s.)
Ýüzünde aždarha şekilli söweş Tugy bilen miladydan 55 ýyl öň ýa-da mundan 2061 ýyl ozal, Rim imperiýasynyň meşhur serkerdelerinden Mark Krass, Parfiýa-türkmen imperiýasyny basyp almak üçin, Rimden gündogara ýöriş guranda, häzirki Türkiýanyň Kara şäheriniň golaýynda, ol ýaman niýet bilen, agyr goşun bölüp gelýän rimlileriň öňünden, olara görä has az sanly, ýöne eginlerine demir don, sowut, kellelerine Polat tuwalga geýen Türkmen goşuny çykýar.
Şol türkmenleriň her 1000 adamdan ybarat bolan goşun birlikleriniň her birinde, aždarha şekilli söweş Tugy bolupdyr.
Rimliler demir don, sowut polat tuwalga geýen, söweş tuglalarynda-da gorkunç aždarhaly garşydaşy ozal hiç wagt görmän ekenler. Aždarha tugly türkmenler, ol söweşde rimlileri derbi-dagyn edip, Rim serkerdesi, şöhratparaz Mark Krassyň hem kellesini alýarlar. (Filip Lozinskiý, »Hastgah-e part ha», iňlisçeden parsça Terjime, Tähran, 1380 h. ý.,).

Alp Attilanyň wepat bolmagy netijesinde hem-de Ýewropadaky hun türkmenleriň täzeden jebisleşip, özlerine garşy kuwwatly duşmanynyň emele gelmeginden heder eden günbatar Rim imperiýasydyr. Wizantiýa hem öz jansyzlarynyň üsti bilen ägirt köp çykdajylar edip, ol türkmenleriň içinde, özara agzalalyk döredip başlaýar.

Şeýlelikde, Alp Attilanyň duşmanlarynyň jansyzlary tarapyndan awy berlip öldürilmegi netijesinde, Awar-türkmen hanlygy 150 ýylyň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan, tä miladynyň 630-njy ýylyna çenli Gara deňziň demirgazyk kenaryny, has takygy, Don derýasyndan kä Karpat daglaryna çenli bolan eýeçiligindäki sähralygy elden giderýär. Awar-türkmenleriniň gözegçilik edýän sebiti soňra kiçelip-kiçelip, Dunaý derýasynyň demirgazyk gündogarynda sähelçe bolup, galýar, Çeşmeleriň habar bermeklerine görä, hatda şol ýagdaýda-da, awar-türkmenler Rim imperiýasy bilen darkaşlaryny dowam etdiripdirler…

***

Awar türkmenler miladynyň 800-nji ýylyndan başlap, 9 ýylyň dowamynda franklara garşy surnukdyryjy uruş alyp baransoňlar, ykdysady ýagdaýda kynçylyga gabat gelýärler hem-de şondan soň ruhy we ykdysady taýdan peşe düşýärler.
Miladynyň IX asyrynyň başynda hem entek özbaşdaklygyny saklan awarlar L. N. Gumilewiň »Otkrytiýe Hazarii» /175 s./ atly kitabynda habar bermegine görä: »Dunaýyň gündogar sebitini, tä ol ýere wengerler barýança öz ellerinde saklap, ol ýere Baran wengerleri edil öz hossarlary ýaly garşylaýarlar hem-de gysga zamanda olar bilen birleşip, bir halka, etnosa öwrülýärler.
Awar kaganlygy gadymy Turandan Ýewropa gelip, iň soňky bölejik bölüp galsa-da, miladynyň X asyrynda ýaşaýşyny bes etdi».
Görnüşi ýaly, Lew Gumilew, awarlaryň gadymy Turandandygyny nygtasa-da, näme üçindir olaryň türkmenlerdigini agzamandyr.
Umuman aýdanymyzda, sowet-rus taryhçylaryndaky gadymy Türkmen milletine bolan gümürtik garaýyş L. N. Gumiewe-de azda-kände mahsus bolupdyr diýsek, öte geçdigimiz bolmaz! Iň bolmanda, rus alymy, guz kowumynyň oguzlardygyny düşündiren bolsa, ol jümläni okan türkmenler ondan minnetdar bolardylar.
Ýöne bu taryhçy »Kiýew kaganaty, ýagny, slawýanlar. . .» (Otkrytiýe Hazarii», 216 s.) diýmegi ýadyndan çykarmaýar. Soňra bolsa 217-nji sahypada miladynyň IX asyry barada söz açyp, şeýle ýazýar: »Bu asyrdaky Gündogar Ýewropanyň ýagdaýy barada Lýudowik Nemeskiý özüniň Wasiliý Makedonýanine

(miladynyň 817-nji ýylynda) ýazan hatynda, ol sebitde dört sany kaganatyň, ýagny, Awar, Normand (ýagny, Rus), Hazar hem-de Bolgar (ýagny, Dunaý boýundaky Bolgar, sebäbi, Lýudowik, Kamanyň kenaryndaky Beýik Bulgar kaganlygy barada bilmändir) bolandygyny ýazýar».

Görnüşi ýaly, Lew Nikolaýewiç Gumilew, Awar – türkmen kaganlygy barada düşündiriş bermese-de, yz ýanyndaky Normand kaganlygyndan soň, ýaý içinde »ýagny, Rus» diýen düşündirişi bermäge ýaltanmandyr. Eger şol zamanlar (IX asyr) Gündogar Ýewropa: Awar, Hazar, Bulgar kaganlyklaryndan ybarat bolan bolsa, onda, bu sahypanyň öň ýanyndaky 216-njy sahypasyndaky »Kiýew kaganlygy» diýilmän, Normand kaganlygy diýilýän ekeni!

Onsoňam, awtor 216-njy sahypada »Kiýew kaganaty, ýagny, slawýanlar…» diýip düşündiriş berýär-de, yz ýanyndaky 217-nji sahypada bolsa, »Normand (ýagny, Rus)» kaganlygy diýip habar berýär. Eýsem-de, rus diýmek, »normand» hem-de »slawýan» diýmegi aňladýarmy?!

Onsoňam, rus taryhçysy ýokarda ady agzalan dört hökümdarlygyň atlaryny »Kaganat» sözi bilen getirýär. Eýsem-de, ol hökümdarlyklar gadymy oguzlara däl-de, ruslara, rimlilere ýa-da Ýewropada ýaşaýan gaýry kowumlara degişli bolan bolsa, näme üçin L. N. Gumilew » knýazlyk ýa-da korollyk» sözüni getirmän, gadymy türkmenleriň »hanlyk» (han) sözi bilen manydaş bolan »kagan» sözüni ulanypdyr?!

Alym ýokarda ady agzalan kitabynda (290 s.) miladynyň 900-nji ýyllary barada söz açyp, Kiýew knýazlygy» diýip bilmän, »Kiýew kaganaty» diýip ýatlaýar.

* * *

Aslynda, Kiýew döwletini guranlar ruslarmy, slawýanlarmy?! Rus çeşmelerinden başga hemme Ýewropa çeşmeleri, Kiýew döwletini (kaganlygy) esaslandyran Ärýüwrük (Rýurik) gonugyň gadymy Ýewropanyň ary kowumlaryndandygyny, onuň eždatlarynyň Ýewropa näçe müň ýyl ozal Asgard (Nusaý) şäherinden, ýagny, Türkmen topragyndan barandyklaryny inkär etmeýärler. Bizde bar bolan maglumata görä, häzirki Kiýew şäheriniň ýerinde miladynyň IV –

V asyrlarynda, eýýäm ol sebitde ýaşap, Rim imperiýasy bilen darkaş gurap ýören oguzlar (hunlar, sarmat, getler, awarlar…) Bäş dag diýen gala gurýarlar. Ol ýerde, Dnepriň kenarynda miladynyň V asyrynda sähraly kowumlaryň ýaşap gala gurandyklaryny, rus çeşmeleri hem inkär edenok. Emma ol galanyň hakyky adynyň Bäş dag bolandygyny aýtmaýarlar.
Emma »Slowa o polku İgorewa» atly gadymy eseriň iň gadymy nusgasynda:
»Na boloni beşa debr Kiýanýa» diýen setir bar. (Görkezilen eser, Moskwa, 1985, 38 s.)
XIX asyryň rus şahyry W. Žukowskiniň hem-de beýlekileriň terjimelerinde ol setir, asla ters Terjime edilýär.
Ady ýokarda görkezilen kitabyň soňunda düşündiriş ýazan rus alymy L. Dmitriýew »na boloni beşa debr Kiýanýa» söz düzümi barada düşündiriş berip, eseriň bu söz düzüminiň manysynyň häzirki güne çenli düşnüksizdigini nygtaýar. Bu alym »bolon» sözüniň rus dilinde »nizina, poloskoýe mesto» ýagny, »etek, damana» diýen manylarynyň bardygyny nygtaýar hem-de »beşa debr Kiýanýa» sözüni düşündirmekden saklanýar. Biziň pikrimizçe, ol ýerdäki »Kiýan» sözi Kiýew bolup, »beşa debr» – Kiýewiň gadymy ady Bäş dagyň eseri göçürijiler tarapyndan ýoýlan görnüşi. Häzirki rus dilinde ol sözlem »Pod Býaş dag – Kiýewa» ýagny, »Bäş dag – Kiýewiň eteginde» diýen manyny berýär.
L. N. Gumilew Kiýew kaganlygyny »Kiýew – Rus kaganlygy» diýip ýazmagy başaran hem bolsa, ol şäheriň gadymy adynyň Bäş dagdygyny, Kiýew adynyň VIII aayrdan soň tutulup başlanandygyny, ol kaganlygy bolsa esaslandyranyň ýewropa ýöriş eden ary Türkmen kowumyndan Ärýüwrük (Rýurik) gonukdygyny aýtmakdan saklanypdyr.

* * *

L. N. Gumilew »Otkrytiýe Hazarii» atly kitabynyň 294-nji sahypasynda »Kiýew Rus döwleti X – XII asyrlarda» ady bilen karta ýerleşdiripdir. Ýöne ol kartada Kiýew şäheriniň ady, ol sebitde ýaşan bir topar kowumlaryň ady bolsa-da, slawýan hem rus diýen kowumyň ady ýok! Onuň »Otkrytiýe Hazarii» kitabynyň

daşky, birinji jildiniň iç ýüzünde ýerleşdirilen kartasynda günbatary Dunaý derýasynyň gündogar kenaryndan tä Don derýasynyň günbatar kenaryna çenli bolan ägirt uly meýdanda ýerleşen ýurt (döwlet?!) »Atelkuzu Peçenegi – týurkskiýe Madýary (tä 895-nji ýyla çenli)» diýip atlandyrylypdyr.
Emma Rus taryhçysy ol Atelkuzu. . . ýurdy (döwleti, halky, taýpasy) barada ýekeje söz hem ýazmandyr. Şok kartada Wolganyň gündogar kenarynda Hazar deňzinden tä Kama derýasynyň kenarynda ýerleşen Bulgar ýurduna çenli aralygy, »GUZLAR» diýip atlandyrsa-da, Wolganyň şol zamanlar guzlar (oguzlar) tarapyndan Ata il diýip atlandyrylandygyny bilse-de, Atelkuzu sözüniň hem »Ata il (o)guzlary» sözündendigini näme üçindir ýazmandygyny şu ýerde aýtmak gerek.
Alymyň »Týurkskiýe madýary» diýip atlandyran kowumy barada hem gysgaça düşündiriş bereliň. Biz ol halky häzirki wagtda, ruslaryň dil kadasynyň galybynda wengerler diýip atlandyrýarys. Wengerler bolsa, özlerini madýarlar diýip atlandyrýarlar. Herhal, L. N. Gumilew olaryň Türki kowumydygyny-ha inkär etmändir. Madýar sözüni biz rus ýazuwynyň galybyna laýyk edip aldyk. Aslynda, ol haýsy sözden kök aldyka?! Beýik Saparmyrat Türkmenbaşı mukaddes Ruhnamada hun Türkmen imperatory, gadymy ata Watanymyzdan alty aýlyk ýol geçip, gündogara gidip, ol ýerde mekan tutan Gün han Türkmeniň has giçki dowamatlaryndan bolan imperator Mode / Modo, Mete/ han barada mübärek sözler bilen ýatlaýar. Mode han kakasy Duman beýgi darkaş guranda, hunlar ikä bölünýärler, ýagny, Duman beýginiň ýaranlary hem-de Mode hanyň ýaranlary. Madýar ady, Mode ýar, ýagny, Modeniň ýaranlary bolan hun türkmenleri diýen sözüň kökünden diýip pikir edýäris. Onsoňam biz madýarlaryň ýaşaýan ýurduny rus diliniň galybynda Wengriýa diýýäris. Emma türkmenleriň taryhy barada ýazylan gadymy çeşmelerde ol ýurduň ady Hungari diýip atlandyrylypdyr. /Seret, »Russko-puştu-dari slowar», Moskwa, 1983, 92 s./. Hungari adynyň Hun+gari sözündendigine, »hun» sözüniň bolsa, hun türkmenler bilen baglanyşyklydygyna hiç hili şübhe ýok!
Ýokarda »alty aýlyk ýol» barada gürrüň etdik. Aslynda, Altaý sözi hem gadymy türkmeniň »Alty aý» düşünjesindendir.

Bu ýazgyny taýýarlamak bilen Özge ýurtly gadymy hem-de häzirki zaman alymlarynyň aglabasynyň, (hatda L. N. Gumilew ýaly alymlaryň hem) gadymy oguzlaryň-türkmenleriň taryhy bilen baglanyşykly eserlerinde, biziň halkymyzyň taryhyny beýan etmekde säwliklere ýol berendigini, emma ol kitaplara siňe syn etseň, türkmeniň şöhratly taryhynyň görnüp durandygyny nygtamak isledik.
Rus taryhçysy L. N. Gumilewiň awarlaryň Türkmen kowumydygyny ylmy taýdan derňemändigine garamazdan, biz Ýewropada ol kaganlygy döreden awarlaryň türkmenlerdigine, ýene-de bu meselä degişli bolan maglumatlaryň biri bilen subut edip bileris. Has takygy, rus ýazyjy N. W. Gogol, 1834-nji ýylda »O dwiženik narodow…» atly taryhy seljeriş makalasyny ýazýar. Gadymy hun türkmenleriniň Ýewropa ýörişleri barada gürrüň berilýän bu makala, SSSR-iň dowam eden 70 ýylynyň içinde Türkmen diline terjime edilmändir. Dogrusy, türkmenleriň taryhy barada taryhy-seljeriş ýazan türkmen (…….………………..)* makalasyna salgylanan galamgärlere duşmadyk. Ol makalada beýan edilişine görä, »Deliliň şaýatlyk etmegine görä, gunlar ýa-da giongnu (hunlar – bellik J. Ataýewiňki) Tatar, Manžur sebitleriniň giň sähralyklaryny eýeläp oturan kuwwatly taýpa bolupdyr. Ýöne ol kowumdan bolan örän köp jemagat, öz paty-putularyny araba ýükläp, günbatara tarap gaýdyp, Hazar deňziniň gündogar kenaryna gelip saklanýarlar…
Gunlaryň (hunlaryň – bellik J. Ataýewiňki) Hazar deňziniň kenarynda ýurt tutunan wagtyny Rim taryhçylary Rim imperatory Domisianyň hökümdarlyk süren zamanasy hasaplaýarlar.
Tä imperator Walentiý zamanasynda Aziýanyň daglaryndan atylyp çykan ýanardag dek bolup, Ýewropanyň üstünden gun toparlary, gunlar bilen bilelikde awarlar, gunuýurlar, ulzingurlar we beýleki kowumlar inýänçäler, ol wagtky rim-grek dünýäsi, gün diýen kowumyň, hatda bu dünýäde bardygyndan hem habarsyzdylar».
N. W. Gogolyň ýatlaýan Rim imperatory Domisian miladynyň 51-nji ýylynda dünýä inýär, miladynyň 81-nji ýylynda Rim imperatory bolýar. (Seret, »Sowetskiý ensiklopediçeskiý slowar» Moskwa, ý., 410 sah.). Domisianyň imperator bolan

zamanasy, Rim imperiýasynyň alkymyna Hazar deňziniň kenaryndan ýöriş edip, hun kowumy bilen awar Türkmen kowumlary barypdyrlar. Domision Rim imperatory bolandan 8 ýyl geçensoň, ol Rimi alkymlap baran hunlara, awarlara hem-de olaryň ganybir kowumlary bolan daklara (dahlara) garşy ýöriş edýär. Ýöne Dunaý boýundaky giň sährany eýeläp ýetişen oguzlaryň awar, dak (dah) kowumynyň hökümdary Desebal bilen garpyşykda Rim imperatory aýylganç ýeňilýär. Şeýdip, rimliler ilkinji gezek Ýewropa baran oguzlardan wehim edip başlaýarlar.
Bu ýerde N. W. Gogolyň ýazan bir zadyňa üns bermeli. Hunlaryň bir bölegi gadymy oguzlaryň eýeliginde bolan Hazar deňziniň gündogar kenaryna Uzak Gündogardaky sähralyklardan süýşüp gelip, ýene-de ata mekanyndan ýurt tutunýarlar. »Hazar deňziniň gündogar tarapy» diýen söze dar manysynda, deňziň kenary diýip düşünmän, häzirki Türkmenistan diýip düşünmeli. Bize mälim bolşy ýaly, ol zamanlar, häzirki Türkmenistanda bütin Merkezi Aziýany, Gazagystanyň günorta sebitini, Owganystany, Eýrany, Yragy , Günorta Kawkazy, häzirki Türkiýäniň gündogar welaýatlaryny sorap oturan kuwwatly Parfiýa – türkmen şalygy bolan. Eger Hunlar bilen parfiýalylar bir halka degişli kowum bolmasa, olaryň arasynda gan birligi, dil birligi bolmasa, Parfiýa şalygy ol hunlara, şalygyň merkezi bolan toprakda ýaşamaga ygtyýar bermezdi.
Onsoňam N. W. Gogol hunlaryň Uzak Gündogardan gelip, Hazaryň gündogarynda ýerleşendiklerini, soňra bolsa awarlar bilen ol ýerden Ýewropa ýörişe gidendiklerini nygtaýar. Diýmek, awarlar, tä miladynyň birinji ýüzýyllygynyň ahyryna çenli Parfiýada, ýagny, Türkmen topragynda ýaşan gadymy türkmenler bolýar duruberýär…
Türkmenistanyň ilkinji we ömirlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşı mukaddes Ruhnamada gadymy türkmen taryhy hakda şeýle danaýy jümleleri ýazýar: Türkmeniň beýik taryhy hem bar, şol taryha düşünen türkmeniň ruhy galar!
Emma Türkmen taryhyny türkmen taryhçysyndan başga her kim ýazdy. Olar türkmeniň taryhyny öz isleýşiçe ýazdylar!
Türkmeni galp taryh ýazyp kiçeldip bolmaz, sebäbi onuň örän uly taryhy bar!

Türkmeni galp taryh ýazyp, hapa bulap bolmaz, sebäbi türkmeniň örän päk tebigaty bar!».

Şeýlelikde, biz başga ýurtly alymlaryň türkmen taryhy babatda ýazan zatlaryna Garaşsyzlyk zamanamyzda mukaddes Ruhnama nazary bilen seredenimizde, Türkmen taryhynyň hakyky keşbini dikeldip, onuň ebedilik sütünini binýat edip bileris. Şu makalamyzyň süňňündäki seljermelerde hem baky Beýik Serdarymyzyň dana nazaryýetinden ugur alyndy.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Altyn asyrymyzy gurýan ajaýyp zamanamyzda milletimiziň taryhyny doly we dogry dikeltmegiň ýolundaky ylmyň altyn açaryny türkmen taryhyny öwrenijilere ebedilik gowşurdy.

Juma ATAÝEW

________________________________________

(…….)* Setirlerdäki ýazgylar bulaşyk bolany üçin okap bolmady.

Taryhy makalalar